# Öçe başlady

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Öçe başlady ÖÇE BAŞLADY

*«Demirler asmanda ganatlap uçar»*
***Magtymguly***

Pyragym bak, sözüñ öz ýerin tapýar,
Asmanda polatlar uça başlady.
Emma ynsanlaryñ ynsaby gopýar,
Köpler namysyndan geçe başlady…

Düýnjek ýary bilen bagtlydy Güller,
Ýigdi onuñ üçin sowurdy pullar,
Bu gün unudylyp şol geçen günler,
Güller özge ýigdi guça başlady.

Mergen bir çüýşäniñ açdy gapagyn,
Sypap, ýanyndakyñ uzyn gulpagyn,
Dört çüýşä ýetensoñ zyñyp telpegin,
Bar aýbyny ile aça başlady.

Süýtden doly göwsün sorup enäniñ,
Soñundan üssüne üýrüp enäniñ,
Garrandygyn duýup bir perişdäniñ,
Perzentler assadan gaça başlady.

Ownaýar erkekler ýene bir rast söz,
Garynlar doýsa-da, açdyr gara göz.
Bir näzik zenana gelip ýürek döz,
Ýigitler boş anty içe başlady.

Kerim ýazar emma, däldiris şahyr,
Her ynsandan şahyr çykanok ahyr…
Ele galam alyp, her ýeten jahyl,
Ýazdy, poýezýamyz öçe başlady.

2015

Kerim HALLY. Goşgular